# Täze ýyl hakykaty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Täze ýyl hakykaty TÄZE ÝYL HAKYKATY

(***kosmonawtlardan***)

Ýer
Günüñ
daşyndan tamamlap ýolun
Başky ugran nokadyna ýetende,
Üç ýüz altmyş sapar, soñam bäş gezek
Okunyñ daşynda «aşyr atanda»,
Geçip ýetişmänkä sähelçe salym
(Göz açyp-ýumasy adaja pursat!)
Kuýaşa garanyp bakdy-da telim,
Demin dürsemäge dilän dek rugsat,
Sorady:
«Öten ýyl ugramda mundan
Känmidi, az ýagyrnymyñ ýarasy?
Näçesi bitişdi, gutuldy onuñ,
Aýt maña, eý Älemiñ Çyrasy?!»

…Barha lowlap şonda Günüñ göwresi,
Gökdäki bulutlar pytraşyp gitdi,
Zemine howlugyp tylla şuglasy,
Gaýalar lagyl deý öwüşgin atdy.

Çogunyñ ýakymy-mähri köpelip,
Barha gözelleşip Günüñ jemaly,
Her şöhlesi ota-çöpe sapylyp,
Ýeri bagyrtlanda enesi ýaly, –
Köpeldi Zeminiñ
Indiki ýazda
Göwsünden dürterip çykjak gämigi,

Bolady çölünde, derýa-deñzinde

Dogjak keýgi,
Işbillejek balygy.
Artyp gitdi baglanyşjak nikasy
Hem jägildäp dünýä injek nesili,
Juwan görke gelip eneleň alny,
Ýazylaýyn diýdi gamly gasyny.

Kemeldi-de,
köpelmedi guburlar,
Niçeme ýigidiň uzady ýaşy,
Ýüzleri ýagtylyp million gelinleň,
Hakykata döndi bal ýaly düýşi…

Derýalar çuňaldy,
Beýgeldi daglar,
Giňedi şäherler,
obalar,
öýler,
Ýyl çalşyk pursaty
Zemini baglap.
Äleme ýaň saldy bagtyýar toýlar!..»
Ýer ýeňil dem aldy,
Ýene bir ýüki
Taşlan dek boldy-da mawy gerşinden,
Beýik hyruç bilen dowam eýledi
Täze menzilini Günüň daşyndan.
Buzlar eräp,
diýdi: «Bihal ötmedi
Müň Dokuz Ýüz Segsen Ýedinji ýylyň!»
Ýazlar döräp,
diýdi: «Ýerim, ýitmedi
Jahan dynçlygyna arçalan ýoluň! –
Ýaýlalaň ýylady,
Maýlady üstüň,
Kepmedi bulagy Pähim, Ynsabyň,
Alnyňda
Bir ýylda

ençeme esse
Artdy garamaty indi ynsanyñ!..»

….Hawa, ynsan
gujagynda Zeminiñ
Maýmyndan saýlanyp,
Döräli bäri
BIR ýarag hemişe dönüpdi IKÄ,
Azalman,
Artypdy gülledir däri, –
Ine-de, taryhda ilkinji sapar
Ýaragy kemeltmäñ tapyldy ýoly,
Diriligiñ gönezligin partlatman,
Eý, ene Zeminim, eý, eziz Mekan,
Ýaşyñy uzaltmañ açyldy ýoly!..

Aýlan, Ýerim!
Parla, Kuýaş!
Dowam et
Arzuwlaryñ Wysallara saparyn.
Kyýamatdan rüstem geler Dowamat,
Gyrmak bormy, heý, Dirilik Sapagyn?!

Şonuñ üçin
ynam bilen barýarys
Bu gün ýyldyzlara tutup ugry biz.
Hem gerşi
arşda
batyryp dere,
Bir-birne golaýlan zemindeşlere
Iberýäs şu şygry biz!

Annaberdi AGABAÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 01.01.1988 ý. Goşgular